***Türkmenistanyň futbol boýunça milli ýygyndysy Aziýa Kubogy-2027-niň saýlama oýunlarynyň çäginde Hytaý Taýpeýiniň milli ýygyndy topary bilen duşuşyp, garşydaşyndan 3:1 hasabynda üstün çykdy. Şeýlelikde, Aziýa Kubogyna bir ädim galdy.***

«D» toparçanyň çäginde Arkadag şäheriniň 10 müň orunlyk stadionynda geçirilen duşuşykda ýygyndy toparymyz ilkinji minutlardan hüjüm futboluny öňe sürdi. Ýygyndy toparymyzyň düzüminde Rahman Myratberdiýew (13-nji minut), Elman Tagaýew (53-nji minut) hem-de Meýlis Diniýew (78-nji minut) dagy tapawutlanmagy başardylar.

Türkmenistanyň milli ýygyndy topary nobatdaky, aýgytly duşuşygyny myhmançylykda Tailandyň milli ýygyndysy bilen geçirer. 2026-njy ýylyň 31-nji martynda geçiriljek bu duşuşykda ýygyndy toparymyza toparçadan çykmak üçin deňme-deň oýnamagyň hem ýeterlikdigini bellemek gerek. Saýlama oýunlarynyň çäginde 6 toparçanyň ýeňijileri Saud Arabystanynda geçiriljek Aziýa-2027 Kubogynyň jemleýji tapgyryna gatnaşmak üçin ýollanma alarlar.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026